# Golf barada gyzykly maglumatlar

Category: Kitapcy,Sport we turizm
написано kitapcy | 22 января, 2025
Golf barada gyzykly maglumatlar GOLF BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR




Kim golfy söýýän bolsa, şolaryñ dykgatyna: 1-nji çukurjykdan 18-nji çukurjyga çenli aralyk 6,5 km.
* * *

Hasabata ynansañ, uly geleşikleriñ köpüsi oýnuñ dowamynda amala aşyrylýar. Işewürleriñ köpüsi golf oýnamagy gowy görýärler we oýnuñ dowamynda şertnamany jikme-jik maslahatlaşyp, soñra gol çekýärler.

* * *

Her ýyl Kanadada golfçylaryñ arasynda festiwal geçirilýär. Onuñ esasy tapgyrlarynyñ biri buzuñ üstünde golf oýnamakdan ybaratdyr.

* * *

Dünýä belli golf oýunçysy Jonni Karson meşhur adamlar bilen öz

hususy golf meýdançasynda ýaryşmagy halaýar.

* * *

Bu oýun 600 ýyl ozal dörän hem bolsa, oýnuň resmi düzgünleri 1754-nji ýylda tassyklanypdyr.

* * *

Golfyň hakyky janköýeri Amerikanyň Tehas ştatyndan Riçard Lýus bir ýylyň içinde 11 müň topy çukurjyga geçiripdir.

* * *

Iň çalt tamamlanan tapgyr belli oýunçy Elis Millere degişlidir. Ol 18 çukurjugy bary-ýogy 86 minut 44 sekuntda geçmegi başardy. Bu sepgit 1997-nji ýyld hasaba alnypdyr. Şondan bäri bu dünýä rekordyny täzelemek hiç kime başardanok.

* * *

Golf topy üçin seki 100 ýyl ozal peýda bolupdyr. Oňa çenli adamlar ony çägäni üýşürip, ýasapdyrlar.

* * *

Golf oýnuny söýýänler hakyly golf topunyň üstünde 336 çukurjygyň bardygyny bilýändirler.

* * *

1976-njy ýylda golf oýunçysy Bob Kuk taýagy bilen 42,75 metr aralykdan topy urup, çukurjyga salmagy başarypdyr.

Taýýarlan: Ogulgözel ŞAGULYÝEWA.

# zenankalby_2017 Sport we turizm